**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**
**K A R A R Y**

“25” awgust 2023 ý. № 671 Aşgabat ş.

**Şahsy pensiýalary bellemegiň meseleleri hakynda**

Türkmenistanyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin Türkmenistanyň raýatlaryna şahsy pensiýa bellemegi düzgünleşdirmek maksady bilen, şeýle hem Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 40-njy maddasyna laýyklykda, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Şahsy pensiýalary bellemek boýunça ýörite topary döretmeli.

2. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Şahsy pensiýalary bellemek boýunça ýörite toparyň düzümini;

2) Şahsy pensiýalary bellemegiň Tertibini.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ykdysady, bank we halkara maliýe guramalary meseleleri boýunça Orunbasary, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygy hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2023-nji ýylyň 25-nji awgustynda
çykaran 671-nji karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky**
**Şahsy pensiýalary bellemek boýunça ýörite toparyň**
**DÜZÜMI**

Türkmenistanyň Prezidenti (Toparyň Başlygy)

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ykdysady, bank we halkara maliýe guramalary meseleleri boýunça Orunbasary (Toparyň Başlygynyň orunbasary)

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň müdiriýetiniň başlygy

Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri

Türkmenistanyň Adalat ministri

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň başlygy

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2023-nji ýylyň 25-nji awgustynda
çykaran 671-nji karary bilen
tassyklandy

**Şahsy pensiýalary bellemegiň**
**TERTIBI**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şahsy pensiýalary bellemegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine (mundan beýläk – Kodeks) laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin şahsy pensiýa bellemek bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Türkmenistanyň raýatlaryna Kodeksiň 21-nji maddasynyň birinji böleginiň 1–4-nji bentlerinde görkezilen pensiýalaryň haýsy hem bolsa bir görnüşiniň bellenilmegi bilen bir hatarda, olara Türkmenistanyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin goşmaça şahsy pensiýa bellenilip bilner.

3. Şahsy pensiýanyň bir aýlyk möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen pensiýanyň iň pes möçberini kesgitlemek üçin bellenilýän binýatlyk ululygyň 20 (ýigrimi) essesi möçberinde bellenilýär.

4. Şahsy pensiýanyň möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanda pensiýalaryň möçberlerini ýokarlandyrmak hakynda kabul edýän namalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriliginiň ýanyndaky Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy (mundan beýläk – Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy) tarapyndan indeksirlenýär.

5. Şahsy pensiýa goşmaça tölegler hasaplanyp goşulmaýar.

## II bap. Şahsy pensiýany bellemegiň tertibi

6. Şahsy pensiýa köp ýyllaryň dowamynda yhlasly, halal zähmet çekip, döwletiň içeri we daşary syýasatynyň rowaçlanmagyna, jemgyýetiň we ykdysadyýetiň ösmegine, ýurdumyzyň goranmak ukybynyň berkidilmegine, howpsuzlygyň, jemgyýetçilik we hukuk tertibiniň, kanunçylygyň üpjün edilmegine aýratyn goşant goşan, Türkmenistanyň Gahrymany diýen ada ýa-da (we) Türkmenistanyň birnäçe beýleki döwlet sylaglaryna mynasyp bolan, Türkmenistanyň 62 ýaşy dolan erkek raýatlaryna, 57 ýaşy dolan zenan raýatlaryna (mundan beýläk – raýat) bellenilýär.

7. Şahsy pensiýa Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Şahsy pensiýalary bellemek boýunça ýörite toparyň (mundan beýläk – Topar) çözgüdi bilen bellenilýär.

8. Toparyň düzümi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

9. Şahsy pensiýanyň bellenilmegi üçin Şahsy pensiýany bellemek hakynda towakganama (mundan beýläk – towakganama) Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň garamagyna şu tertipde hödürlenýär:

1) degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri, ýokary guramasy bolmadyk edaralar, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan zähmetkeşler köpçüliginiň pikirini nazara almak bilen öz ulgamlarynda işleýän şahsy pensiýanyň bellenmegine hödürlenýän raýatlar babatynda;

2) degişli welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri tarapyndan ýerli ilatyň pikirini nazara almak bilen, öz çäklerinde ýaşaýan şahsy pensiýanyň bellenmegine hödürlenýän şu bölegiň 1-nji bendinde görkezilen raýatlardan beýleki raýatlar babatynda.

10. Towakganamada şahsy pensiýanyň bellenmegine hödürlenýän raýatyň geçen zähmet ýoly, döwletiň içeri we daşary syýasatynyň rowaçlanmagyna, jemgyýetiň we ykdysadyýetiň ösmegine, döwletiň goranmak ukybynyň berkidilmegine, howpsuzlygyň, jemgyýetçilik we hukuk tertibiniň, kanunçylygyň üpjün edilmegine goşant goşmak bilen Türkmenistanyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary görkezilýär.

11. Towakganamanyň ýanyna şahsy pensiýanyň bellenmegine hödürlenýän raýatyň şu aşakdaky resminamalary goşulýar:

1) pasportynyň ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasynyň nusgasy;

2) döwlet sylaglary bilen sylaglanandygy hakyndaky şahadatnamasynyň nusgasy;

3) zähmet depderçesiniň ýa-da iş döwrüni tassyklaýan beýleki resminamasynyň nusgasy.

Zerur bolan halatynda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen resminamalardan başga resminamalaryň we maglumatlaryň berilmegi talap edilip bilner.

12. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi gelip gowşan towakganamany we onuň ýanyna goşulan resminamalary on iş gününiň dowamynda öwrenýär hem-de bellenen taraplara laýyk gelen ýagdaýynda Toparyň garamagyna hödürleýär.

13. Toparyň mejlisi zerurlyga görä geçirilýär.

14. Toparyň mejlisine agzalaryň üçden iki bölegi gatnaşanda meselelere garamaga we çözgüt kabul etmäge ygtyýarlydyr.

15. Toparyň çözgütleri onuň mejlislerine gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär.

16. Topar hödürlenen towakganamany we onuň ýanyna goşulan resminamalary seljerýär we şahsy pensiýany bellemek hakynda ýa-da bellemekden

ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edýär.

17. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi şu Tertibiň on altynjy böleginde görkezilen çözgüt kabul edilenden soň, on iş gününiň dowamynda şol çözgüt barada towakganamany hödürlän şahslara ýazmaça görnüşde habar berýär. Şeýle hem şahsy pensiýany bellemek hakynda çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna zerur resminamalary iberýär.

18. Towakganamany hödürlän şahslar şahsy pensiýanyň bellenmegine hödürlenýän raýata ol babatynda Toparyň kabul eden çözgüdi barada habar berýärler.

19. Şahsy pensiýa Topar tarapyndan Şahsy pensiýany bellemek hakynda çözgüdiň kabul edilen senesinden bellenilýär.

20. Topar tarapyndan şahsy pensiýany bellemekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilen raýat babatynda şahsy pensiýanyň bellenmegine esas bolup durýan täze ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, şahsy pensiýanyň bellenmegine umumy esasda gaýtadan seredilip bilner.

## III bap. Şahsy pensiýany tölemegiň tertibi

21. Şahsy pensiýa Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

22. Şahsy pensiýa Türkmenistanyň Merkezi banky bilen ylalaşmak esasynda Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy tarapyndan bellenilen tertipde banklaryň üsti bilen tölenilýär.

23. Şahsy pensiýa bellenen işleýän raýatyň şahsy pensiýasy doly möçberde tölenilýär.

24. Şahsy pensiýa alýan raýatyň geçen döwür üçin öz wagtynda talap edilmedik, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasy ýa-da banklar tarapyndan tölenilmedik şahsy pensiýasy haýsydyr bir möhlet ýa-da möçber bilen çäklendirilmezden tölenilýär.

25. Şahsy pensiýa alýan raýat aradan çykan halatynda, onuň aradan çykan aýyny hem goşmak bilen, alynmadyk şahsy pensiýasynyň möçberi haýsydyr bir möhlet ýa-da möçber bilen çäklendirilmezden, maşgalasynyň kämillik ýaşyndaky agzalarynyň ylalaşmagy boýunça olaryň birine tölenýär.

26. Şahsy pensiýanyň tölenilmegi şu aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:

1) pensiýa alýan raýat hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden göçüp gidende – göçüp giden aýynyň yz ýanyndan gelýän aýyň 1-inden;

2) pensiýa alýan raýat aradan çykanda – aradan çykan aýynyň yz ýanyndan gelýän aýyň 1-inden.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

27. Raýaty Şahsy pensiýadan mahrum etmek Toparyň çözgüdi esasynda aşakdaky ýagdaýlarda amala aşyrylýar:

1) raýata şahsy pensiýanyň bellenilmegi üçin esas bolan maglumatlaryň nädogrudygy ýa-da resminamalaryň galpdygy ýüze çykarylan ýagdaýynda;

2) kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen raýata iş kesilen halatynda;

3) raýatyň Türkmenistanyň raýatlygy bes edilen ýagdaýynda.

28. Raýatyň şahsy pensiýadan mahrum edilmegi onuň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda pensiýalaryň beýleki görnüşlerini almaga bolan hukugyny çäklendirmeýär.

29. Şahsy pensiýany bellemek bilen bagly şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.